**«TASSYKLAÝARYN»**
**Türkmenistanyň Arhitektorlar birleşiginiň başlygy**
**A.Gurbanlyýew**

24.04.2023ý.

# Türkmenistanyň Arhitektorlar birleşiginiň döredilmeginiň 85 ýyllyk toýy mynasybetli «Arkadag eýýamynyň arhitekturasy» ady bilen döredijilik sergisini geçirmegiň TERTIBI

## I. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň Arhitektorlar birleşiginiň döredilmeginiň 85 ýyllyk toýy mynasybetli «Arkadag eýýamynyň arhitekturasy» ady bilen döredijilik sergisini geçirmegiň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) döredijilik sergisini (mundan beýläk – Sergi) geçirmegiň maksadyny, oňa gatnaşmagyň we Serginiň jemlerini jemlemegiň esasy düzgünlerini kesgitleýär.

2. Sergi Türkmenistanyň Arhitektorlar birleşiginiň (mundan beýläk – Birleşik) we ýurdumyzyň arhitektura mekdebiniň gazanan üstünliklerini ýaýbaňlandyrmak, milli arhitektura we şähergurluşyk işini mundan beýläk hem kämilleşdirmekde ýurdumyzyň döredijilik köpçüliklerini höweslendirmäge ugrukdyrmak, şeýle hem iň gowy taslamalary saýlap-seçip almak we olary gurmaga teklip bermek maksady bilen geçirilýär.

3. Sergi 2023-nji ýylyň 10-20-nji iýul aralygynda Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň sergi zalynyň 2-nji gatynda aşakdaky ugurlar boýunça geçirilýär:

1) Ýaşaýyş jaýlarynyň arhitekturasy;
2) Jemgyýetçilik binalaryň arhitekturasy;
3) Şähergurluşyk;
4) Dizaýn we arhitektura ýadygärlikleriň rejelenilişi.

4. Taslama işleri 2023-nji ýylyň iýun aýynyň 17-ne çenli elektron görnüşi bilen (her faýlyň rugsady 300 dpi az bolmadyk TIFF formatda) Birleşige tabşyrylmalydyr.

## II. Serginiň seljeriş topary we onuň esasy wezipeleri

5. Sergini ýokary derejeli we guramaçylykly geçirmek maksady bilen, şu Tertibiň 1-nji goşundysyna laýyklykda Serginiň seljeriş topary (mundan beýläk – Topar) döredilýär.

6. Toparyň agzalary:

1) hödürlenilen taslamalaryň şu Tertipde bildirilýän talaplara laýyklygyny kesgitleýär we olary Sergä göýbermek ýa-da göýbermekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edýär;

2) Sergä göýberilen taslamalara bilelikde syn etmek we ara alyp maslahatlaşmak ýoly bilen, taslamalary şu Tertibiň üçünji bölüminde görkezilen ugurlar boýunça toparlara bölýär;

3) baýrakly orunlara dalaş edýän taslamalaryň toparyny saýlaýar;

4) her bir taslama üçin 1-den 5 ball bahalar aralygynda Serginiň seljeriş kagyzynda (şu Tertibe 2-nji goşundy) öz bahasyny goýýar we aşagyna gol çekýär;

5) her taslamanyň ball bahalarynyň umumy jemine laýyklykda ýeňijileri kesgitleýär;

6) Sergini geçirmegiň meýilnamasyna laýyklykda beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

7. Toparyň kätibi:

1) Sergä gatnaşmaga isleg bildiren şahslara Birleşik tarapyndan taýýarlanylan çarçuwanynyň elektron görnüşini berýär;

2) hödürlenilen taslamalary hasaba alýar;

3) Toparyň mejlisiniň geçiriljek senesi we wagty barada Topar agzalaryna habar berýär;

4) Toparyň mejlisleriniň Teswirnamalaryny ýöredýär.

Toparyň kätibiniň ses bermäge hukugy ýokdur.

## III. Sergä gatnaşmak we taslamalary işläp düzmek üçin bildirilýän esasy talaplar

8. Sergä ýurdumyzyň taslama edaralarynyň adyndan awtorlar (awtorlaryň köpçülikleri), hususy döredijilik taslama ussahanalary, şähergurluşyk-arhitektura we dizaýn çygrynda döredijilik işi bilen meşgullanýan aýry-aýry arhitektorlar we dizaýnerler, şeýle hem tapawutlanan diplom işleri bilen ýaşlar gatnaşyp bilerler.

9. Awtor Sergä hödürleýän taslamasynda sosiologik, ykdysady, arhitektura-meýilleşdiriş, sanitariýa-arassaçylyk faktorlaryň we geografiki şertleriň giň toplumyny şöhlelendirmelidir.

Taslama:

1) jemgyýetiň we döwrüň sosial, ideologik we çeperçilik talaplaryna, milli arhitektura we şähergurluşygy ýörelgelerine laýyk gelmelidir;

2) toplumlaýyn, döredijilikli, analitik, ylmy-synag we geljegi nazarlaýan häsiýete eýe bolmalydyr we täzeçillik aýratynlygy bilen tapawutlanmalydyr;

3) adamyň häzirki we geljekki zerurlyklaryny kanagatlandyrýan ýaşaýyş gurşawynyň amatly guramaçylygyny döretmäge gönükdirilen bolmalydyr.

Taslama ylmy iş häsiýetine eýe bolup biler.

10. Taslamalary işläp düzmek üçin bildirilýän esasy talaplar aşakdakylardan ybaratdyr:

1) obýektiň gat meýilnamalary we baş meýilnamasy saýlanan funksiýalaryň we tehnologiýalaryň talaplaryna, şeýle hem gurluşyk kadalaryna laýyk gelmek;

2) obýektiň gat meýilnamasyny 1:100–1:200 ölçeglerde onuň esasy funksional-tehniki çözgütlerini açmaga mümkinçilik berýän mukdarda görkezmek;

3) uly göwrümli ýaşaýyş jaý temasynda teklip edilýän jaýyň ýa-da öýler toplumynyň bir bölegini (blok) ýa-da bölümini (seksiýa) 1:50 ölçegde aýratyn görkezmek;

4) obýektiň gutarnykly keşbini emele getirýän we onuň arhitekturasy barada hakyky düşünje berýän esasy fasadlary 1:50–1:100 ölçeglerde görkezmek;

5) binanyň kesiklerini 1:50–1:100 ölçeglerde ýerine ýetirmek we gerekli mukdarda binanyň göwrüm-giňişlik we konstruktiw çözgütlerini açyp görkezmek (iri ölçegdäki kesiklerde esasy otaglaryň interýerleriniň aýratynlyk häsiýetleri görkezilip ýa-da ol kesikler fasadlar bilen utgaşdyrylyp bilner);

6) şähergurluşyk taslamasynda daşky gurşaw bilen jebis gatnaşykda şäher düzümini emele getirmek meselesiniň; şäherlerde häzirkizaman uly jemgyýetçilik merkezlerini (täzeler we durky täzelenýänler) emele getirmek meselesiniň; toplumlaýyn ýaşaýyş kwartallaryny emele getirmek (bar bolanlarynyň durkuny täzelemek) meselesiniň; iri şäher aglomerasiýa ulgamynda halk hojalygynyň dürli ugurlary boýunça şäherleri ýa-da oba görnüşli ilatly ýerleri emele getirmek meselesiniň; iri seýilgäh toplumlaryny, dynç alyş zolaklaryny, arhitektura zapowedniklerini, iri sport toplumlaryny emele getirmek meselesiniň we şähergurluşyk babatda beýleki meseleleriň çözgütlerini görkezmek;

7) interýerlerde otagy amatly zonirlemek, reňkleriň we formalaryň sazlaşygyny gazanmak, mebelleriň we beýleki öý goşlarynyň

döwrebaplygyny, şol bir wagta ata-babalarymyzyň döreden medeni gymmatlyklaryndan ugur alyp milliligini gazanmak, amatly ergonomikany döretmek we esasan, olary umumy görnüşlerde, böleklerde, gat meýilnamada şöhlelendirmek;

8) eksterýerlerde ýerli howa şertleri göz öňünde tutmak, landşafty oýlanyşykly peýdalanmak bilen funksionallygy üpjün etmek, suw we gök desgalaryny, arhitekturanyň kiçi görnüşlerini hem-de monumental bezeg sungatynyň eserlerini ulanmak bilen özboluşly gurşawy emele getirmek we esasan, olary baş meýilnamada, umumy görnüşlerde, böleklerde görkezmek;

9) kiçi arhitektura görnüşlerinde, şol sanda monumental bezeg sungatynyň eserlerinde ideýa-çeperçilik nukdaýnazaryndan halkymyzyň we ýurdumyzyň geçmişde we garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan üstünliklerini aýdyň şöhlelendirmek, olaryň formalarynda millilik bilen döwrebaplygy utgaşdyrmak we esasan, olary anyk ýer böleginde ýerleşdirilen umumy görnüşlerde, baş meýilnamada, böleklerde, ölçegli çyzgylarda görkezmek;

10) gysgaça düşündiriş ýazgysyny ýerleşdirmek.

11. Taslamalar Birleşik tarapyndan taýýarlanylan 60x90 santimetr modulda dik ugurda ýerleşdirilmelidir. Taslamanyň ýokarky meýdanynda döwlet dilinde ýazylan ady, aşaky meýdanynda taslama materiallary ýerleşdirilýär.

12. Taslamanyň ýany bilen onuň makedi we (ýa-da) 3D wiseoşekili-animasiýasy tabşyrylyp bilner.

13. Taslamada onuň awtory (awtorlary) ýa-da taslama edarasy görkezilen ýagdaýynda onda şeýle ýazgy planşetiň aşaky sag tarapynda ýazylmalydyr. Ýazgynyň ululygy 20-lik şriftden uly bolmaly däldir.

14. Topar agzalary öz adyndan Sergä gatnaşyp biler. Şunda ol taslamalar bäsleşige gatnaşmazdan, diňe awtoryň döredijiligini açyp görkezýän häsiýete eýedir.

15. Degişli ugurlar boýunça şu Tertibiň onunjy we on ikinji bölümlerinde bildirilýän esasy talaplar doly ýerine ýetirilmän taýýarlanylan taslama (taslamalar) Toparyň çözgüdi esasynda Sergä göýberilmeýär. Şunda, gelnen şeýle netijäniň sebäbi Toparyň agzalary tarapyndan taslamanyň awtoryna ýa-da onuň ygtyýarly şahsyna dil üsti bilen düşündirilmeldir we degişli teswirnama düzülip, taslama yzyna gaýtarylyp berilmelidir.

Sergä göýberilmedik taslama (taslamalar) degişli düzedişler girizilip, talabalaýyk ýerine ýetirilenden soň, 2023-nji iýun aýynyň 30-na çenli gaýtadan tabşyrylyp bilner.

16. Birleşik Sergä göýberilen taslamalary köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çap etmek ýa-da internet torunda ýerleşdirmek hukugyny özünde saklap galýar.

17. Taslamalar Sergä gatnaşyjynyň hususy serişdeleriniň hasabyna çap edilýär.

## IV. Taslamalara baha bermek we ýeňijileri kesgitlemek

18. Topar her bir taslama baha berende, taslamanyň döwrebaplygyndan we täzeçilliginden, öňde goýlan wezipeleriň amatly çözgüdinden, binanyň we desganyň, landşaft arhitekturasynyň ýa-da binalaryň içki we daşky dizaýnynyň meýilnama çözgütlerinden, estetik hem-de millilik aýratynlyklaryndan ugur almalydyr.

Şunda, taslamanyň awtory (awtorlaryň köpçüligi) ýa-da onuň ygtyýarly şahsy taslamanyň ykdysady tarapdan amatlylygyny, göz öňünde tutulýan häzirkizaman innowasion materiallaryň we usullaryň, kabul edilen çözgütleriň döwrebaplygyny we aýratynlygyny goramaga hukuklydyr.

19. Taslamanyň ýany bilen onuň makedi we (ýa-da) 3D animasiýa goşulan ýagdaýynda, onda ol taslama Toparyň çözgüdi esasynda artykmaçlyklardan peýdalanyp biler.

20. Topar ýokary hünär we ussatlyk derejesi bilen taýýarlanylan iň gowy we özboluşly taslamalary ýüze çykarmak ýörelgelerinden, şeýle hem şu Tertibiň dokuzynjy we on sekizinji bölümlerinde görkezilen esasy talaplardan we görkezijilerden ugur alyp, çözgüt kabul edýär.

21. Ball bahalarynyň sanlary deň bolan ýagdaýynda, Toparyň başlygy gutarnykly çözgüt kabul etmäge ygtyýarlydyr.

22. Naýbaşy taslama hökmünde ykrar edilen taslama iň ýokary baýrak – «Gran-pri» diplomy bilen, her bir ugur boýunça köp ball baha alan taslamalar degişlilikde, birinji ikinji we üçünji derejeli diplomlar bilen sylaglanýar.

23. Ýeňiji saýlanmadyk, ýöne beýik ball baha alan taslamalar hormat hatlary bilen sylaglanylýar.

24. Serginiň çäklerinde beýleki şahslaryň intellektual eýeçiligine bolan hukuklarynyň bozulmagy bilen ýerine ýetirilen taslama (mundan beýläk – plagiat) ýüze çykarylan ýagdaýynda, onda ol taslama ýokary ball baha alandygyna garamazdan, Sergiden çetleşdirilýär.

25. Eger taslamany ýeňiji saýlanlaryndan soň, onuň plagiatlygy anyklanylsa, onda ol Toparyň gelen netijesi esasynda ýeňijilikden mahrum edilýär we onuň ornuna bal bahasynyň yzygiderliligi boýunça ýeňiji bellenilýär.

26. Toparyň kabul eden çözgüdi Toparyň mejlisiniň Teswirnamasy bilen Topar agzalary tarapyndan gol çekilip, resmileşdirilýär.

## V. Jemleýji düzgünler

27. Topar agzalary ýeňiji saýlanmadyk taslamalaryň awtorlaryna ýa-da olaryň ygtyýarly şahslaryna düşündiriş işlerini geçirmek ýa-da ýazmaça jogap bermek boýunça borçlary çekmeýär.

28. Iň ýokary baýrak alan, şeýle hem her bir ugur boýunça birinji, ikinji we üçünji derejeli diplomlary alan taslamalar «Türkmenistanyň gurluşygy we binagärligi» žurnalynda çap edilýär, şeýle hem gurmak üçin Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligine teklip hökmünde hödürlenilýär.

29. Sergä gatnaşan ähli taslamalar we olaryň awtorlary baradaky maglumatlar Birleşigiň döredilmeginiň 85 ýyllyk toý dabarasy mynasybetli çap ediljek ýadygärlik kitapda ýerleşdirilýär.

Türkmenistanyň Arhitektorlar
birleşiginiň döredilmeginiň
85 ýyllyk toýy mynasybetli
«Arkadag eýýamynyň
arhitekturasy» ady bilen döredijilik
sergisini geçirmegiň
Tertibine 1-nji goşundy

**Serginiň seljeriş topary**

*Toparyň başlygy:*

Ö.Babaniýazow – «Hyjuwly taslama» hususy kärhanasynyň direktory, Türkmenistanyň Arhitektorlar birleşiginiň Geňeşiniň agzasy.

*Toparyň agzalary:*

1. M.A.Mämmedow – Türkmenistanyň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirligiň başlygy, Arhitektura ylylmlarynyň doktory, Türkmenistanyň Arhitektorlar birleşiginiň başlygynyň orunbasary;
2. R.G.Muradow – Türkmenistanyň Arhitektorlar birleşiginiň başlygynyň orunbasary, «Türkmenistanyň Gurluşygy we binagärligi» žurnalyň jogapkär kätibi;
3. J.S.Satarow – arhitektor, Türkmenistanyň Arhitektorlar birleşiginiň Geňeşiniň agzasy;
4. G.Geldiýew – Ahal welaýat häkimliginiň Baş binagärlik meýilnamalaşdyryş-dolandyryş edarasynyň başlygynyň orunbasary.

*Toparyň kätibi:*

Ş.Hajyýew – «Türkmendöwlettaslama» baş döwlet taslama birleşiginiň Tehniki bölüminiň Gurluşyk toparynyň baş hünärmeni, Türkmenistanyň Arhitektorlar birleşiginiň agzasy.

Türkmenistanyň Arhitektorlar
birleşiginiň döredilmeginiň
85 ýyllyk toýy mynasybetli
«Arkadag eýýamynyň
arhitekturasy» ady bilen döredijilik
sergisini geçirmegiň
Tertibine 2-nji goşundy

## Serginiň seljeriş kagyzy

*Her taslama üçin 1-5 ball baha ulanylýar*

| **Şertli san belgi** | **Ball baha** | **Jemi ball baha** | **Bellik** |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

Topar agzasy ____________ ______________________
(goly) (ady, atasynyň ady, familiýasy